THE
ASHGABAT
TIMES

# TÜRKMENISTANLY TÜRGENLER KARATE BOÝUNÇA «UZBEKISTAN OPEN 2024» HALKARA ÝARYŞDA 23 MEDALA EÝE BOLDULAR

Ürgençde  geçirilen karate (WKF) boýunça birinji halakara ýaryşda türkmen türgenleri 23 (5 altyn, 5 kümüş we 13 bürünç) medala eýe boldular. Bäsleşige Gyrgyzystandan, Täjigistandan, Türkmenistandan we Özbegistandan 293 türgen gatnaşdy. Ýaryşda kata we kumite boýunça dürli ýaş kategoriýalarynda iň güýçliler kesgitlenildi.

74 türgenden ybarat milli ýygyndy toparymyz baýrakly üçünji orny eýeledi. Öňdäki iki orna bolsa, Kaşkadarya (9 altyn, 2 kümüş we 3 bürünç medal) we Daşkent (6 altyn, 5 kümüş we 10 bürünç medal) welaýatlarynyň toparlary  mynasyp boldular.

Türkmen karateçilerini bu halkara ýaryşa milli ýygyndy toparymyzyň tälimçileri Aýdyň Çaryýew bilen Igor Rahymow taýýarladylar.

**«Türkmen sporty» gazeti.**

Все права защищены